# Gyzdan haýa gitdi oguldan edep

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gyzdan haýa gitdi oguldan edep GYZDAN HAÝA GITDI, OGULDAN EDEP

Neneň-niçik bolar soňky ykballar,
Gyzdan haýa gitdi oguldan edep.
Hany kada-kaýym ýörelge ýollar,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Ula köşek diýdiň kiçiňe körpe,
Ýumşa özüň ylgap sakladyň erke,
Haý-küşem etmediň ysgynyň barka,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Otuz ýaşly ýigde hyzmat ýakanok,
Kyrk bir ýaşan gyzlar äre çykanok,
It äsgermän pişik garap bakanok,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Käsi gözün boýap gaşyny gyrýa,
Gyzgyn demre orap sacyny burýa,
Salykat umyty gark boldy derýa,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Göwsi açyk butlaryny gyzardyp,
Alyn saçyn gyrkýa ýüzün tazardyp,
Salam-älik ýok, barýar gaýşaryp,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Edýän işleriniň barsy tersine,
Bir çüýşeden arak gerek hersine,
Entirekläp ygyp ýörün görsene,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Eşik geýýä ala mula matadan,

Çekinmeýär enesinden atadan,
Ýüki ýetik ýalan sözden, hatadan,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Ýaňagy boýalan dyrnagy ösgün,
Görseň hondan bärsi sözleri kesgin,
Näme üçin enesi gyzyndan asgyn,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Ýigdiñ saçy ýagyrnysyn ýapyp dur,
Özûne meňzeşiñ birin tapypdyr,
Daña golaý gapysyny depip dur,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Tyrryk geýinipdir gözi oçkili,
Weşeñ-weşeñ pul gerekmiş paçkaly,
Gelin zenan serhoş gezýä içgili,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Köçelerde gujaklaşyp ogşaşyp,
Aýrylşanda «Çaw,w,w,» diýip hoşlaşyp,
Sözi azaşsa kelle urýa taşlaşyp,
Gyzdan haýa gitdi oguldan edep.

Tamañ şodur terbiýesiz saklasañ,
Lälirgedip hasaryña ekleseñ,
Niçik görýäñ, öýüň towga ýükleseñ,
Gyzdan haýa gitdi oguldan edep.

Oýlanyp gör neneñ edip ýaşarsyñ,
Aşak garap ýeňsäñ kän kän gaşarsyñ,
Gol harjyňy türmä baka daşarsyñ,
Gyzdan haýa gitdi, oguldan edep.

Şamyrat TAGANOW. Goşgular